***Türkmen alabaýynyň baýramynda adamzat gymmatlygy derejesinde sarpalanýan milli baýlyklarymyza guwanjymyz, ynsanperwer taglymatlara ýugrulan milli gözbaşlarymyza buýsanjymyz dünýä dolýar. Bu günki nesillerimiz hem ata-babalarymyzdan nusga alyp, milli seçgiçiligiň ajaýyp nusgasy bolan alabaýlarymyza sarpa goýýarlar. Şunda hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň asylly başlangyçlary esasynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde milli itşynaslyk ýörelgeleri mynasyp dowam etdirilýär.***

Türkmen alabaýy mertligiň, batyrlygyň nyşanydyr. Ol halkymyzyň mukaddes öý-ojagynyň ýa-da sürüsiniň wepaly sakçysy hökmünde ulanylman, olar Watan goragynda hem giňden peýdalanylýar. Bu onuň goragçy häsiýetiniň ýokarydygyny subut edýär. Gahryman Arkadagymyz özüniň jöwher paýhasyndan dörän «Türkmen alabaýy» atly kitabynda bu ynsansypat jandara şeýle baha berýär: «Türkmen alabaýy bolsa wepalylygyň tebigy nusgasydyr, batyrlygyň hem-de edermenligiň alamatydyr. Halkymyz öý-ojagynyň, mal-mülküniň goraglylygyny öz hemdemi bolan alabaýyna ynanyp, köňül rahatlygyny onuň bilen paýlaşýar».

Eýesine juda wepaly bolan itler, öz ýaşaýan öýüniň maşgala agzalarynyň asudalygy üçin janyny-da gaýgyrmandyrlar. Biziň häzirki günlerimize gelip ýeten halk rowaýatlarynda-da alabaýlaryň merdanalygy, olaryň wepalylygy we islendik çylşyrymly pursatlarynda öz janlaryny orta goýup, adamlary halas etmäge bolan ukyby barada aýdylýar. Iň bellärliklisi bolsa, olaryň söweşjeň häsiýete eýe bolmagydyr. Bu taryhy hakykatlar alabaýlara bolan sylag-sarpany, guwanjy has-da artdyrýar.

Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň alyp barýan işlerinde alabaý itleriniň ähmiýetini hiç bir zat deňäp bolmaýar. Olar serhetçiler bilen gije-gündiz serhet tabşyryklaryna gatnap, Watanymyzyň serhediniň goragyny üpjün etmekde, gümrük nokatlarynda we Ýaragly Güýçlerimiziň harby bölümlerinde ýakyn ýardamçydyrlar. Alabaý itleri merdana Watan goragçylarymyza köptaraplaýyn wepaly kömekçi bolup hyzmat edýär. Hut şonuň üçin-de, hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň tagallalary bilen Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde türkmen alabaýlaryny ýetişdirmek babatynda uly aladalar edilýär. Bu bolsa ählimiziň buýsançly başymyzy göge ýetirýär.

**Annakuly NURNIÝAZOW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň Içerki goşunlar fakultetiniň harby tehnikalar we awto taýýarlygy kafedrasynyň uly mugallymy, içerki gullugyň maýory.**

Все права защищены